**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**

**P E R M A N Y**

**Daşoguz welaýatynyň Tagta etrabynyň adyny üýtgetmek hakynda**

**010.230.010**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2002 ý., № 9, 482-madda)

Türkmen halkynyň gadymyýetden gelýän milli däp-dessurlaryny täzeden durmuşa ornaşdyrmak, ýaş neslimizde ata-babalarymyzyň şöhratly taryhyna beýik buýsanjy we söýgini kemala getirmek, olary eždatlarymyza mahsus bolan watançylyk, merdanalyk we edermenlik ruhunda terbiýelemek maksady bilen, şeýle hem Daşoguz welaýatynyň ilatynyň isleglerini hem-de Daşoguz welaýatynyň we Tagta etrabynyň häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara alyp, **karar edýärin**:

1. Daşoguz welaýatynyň Tagta etrabynyň adyny Görogly etraby diýip üýtgetmeli we mundan beýläk ony Daşoguz welaýatynyň Görogly etraby diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 5-nji maýynda çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda posýoloklaryň we geňeşlikleriň sanawyna üýtgetme girizmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Saparmyrat Türkmenbaşy**

Aşgabat ş.
2002-nji ýylyň 25-nji sentýabry
№ PP-3724